# «Azaşarsyň diýme…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Azaşarsyň diýme…" «AZAŞARSYŇ DIÝME…»



Azaşarsyň diýme,
Galma azara.
Dogry – üstüm gije, dostum hem köp däl.
Ak pulum ýok gara güne aýara,
Keýpim hem hemişe o diýen kök däl.
Ýöne görýän dünýä oýnuna gyzyp
Ýöreniň gözüne ilmejek zady.
Görýärin men bagtymyzyň ýyldyzyn,
Azaşanlar üçin ýakylan ody�.
Orazgylyç ÇARYÝEW. Goşgular